S.Şynnazarowa

# GARAGALPAGYSTANDAKY TÄLIM TÜRKMEN DILINDÄKI BAŞLAGYÇ KLASSLARY ÜÇIN TERBIÝELIK ÇÄRELER

(Okuw-metodikalyk gollanma)

Nöküs-2020

**ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASI**
**ÝOKARY WE ORTA MAHSUS BILIMLENDIRMEK MINISTRLIGI**

**AJINIYOZDAN SOŇ NUKUS DÖWLETI**
**PEDAGOGIK INSTITUT**

# GARAGALPAGYSTANDAKY TÄLIM TÜRKMEN DILINDÄKI BAŞLAGYÇ KLASSLARY ÜÇIN TERBIÝELIK ÇÄRELER

**(Okuw-metodikalyk gollanma)**

**Nöküs-2020**

**S.Şynnazarowa**

Özbegistan Respublikasy Prezidenti Ş.M.Mirziýaýewiň 2017-ýyl 21-apreldäki "Ýokary bilimlendirmek sistemasyny ýene-de ösdürmek çäreleri hakyndaky" Kararyna esaslanyp ýokary bilimlendirmek guramalarynda kabullamak kwotasynda özgerişler boldy. Umumy bilim berýän mekdepleri üçin başlangyç synp mugallymlary Garagalpagystan Respublikasynda diňe Nöküs döwlet pedagogikalyk institutynda Başlangyç tälim we sport terbiýewi işi ugrunda kadyr sypatynda taýýarlanylýar.

**JOGAPLY REDAKTOR:**

**3. K. Gurbannyýazowa** - Ajynyýaz adyndaky NMPI, Başlangyç tälim fakulteti

**PIKIR BILDIRÝÄNLER:**

**T. Kerwenow** - Ajynyýaz adyndaky NMPI, Gazak dili hem edebiýaty kafedrasyn dotsenti, filologiýa ylymlarnyň doktory (DSC)

**S. Tajibenowa** - Ajynyýaz adyndaky NDPI, Başlangyç tälim kafedrasy uly mugallymy pedagogika ylymlary boýunça filosofiýa (PHD)

**B.Abdullaýewa**-Nöküs şäheriniň №29 sanly umumiý bilim berýän mekdebiniň başlangyç synyp mugallymasy.

**Ajynyýaz adyndaky Nöküs Döwlet Pedagogikalyk Inistituty okuw metodikalyk geňeşi (7. 02. 2020-ýyl) 5- sanly beýannama mejlisi karary bilen basma pikir bildirlen.**

# GIRIŞ

Özbegistan Respublikasy Prezidenti Ş.M.Mirziýaýewiň 2017-ýyl 21-apreldäki "Ýokary bilimlendirmek sistemasyny ýene-de ösdürmek çäreleri hakyndaky" Kararyna esaslanyp ýokary bilimlendirmek guramalarynda kabullamak kwotasynda özgerişler boldy. Umumy bilim berýän mekdepleri üçin başlangyç synp mugallymlary Garagalpagystan Respublikasynda diňe Nöküs döwlet pedagogikalyk institutynda Başlangyç tälim we sport terbiýewi işi ugrunda kadyr sypatynda taýýarlanylýar. Respublikamyzda jemi 706 mekdep bolup, şolardan tälim türkmen dilinde – 40, alyp barylýan mekdepleriň sanyny we respublikamyzdaky iň çetki obalarynda az kompektli mekdepler sanynyň köplügi, şondan şu mekdeplere türkmen dilinde okadýan başlangyç synp mugallymlaryna zerurlygy hasaba alsak, bügünki gün meselelerinde biri sypatynda aýratyn aýdyp geçmäne hakymyz bar. Garagalpagystan Respublikasynda umumy bilim berýän mekdeplerinde tälim bäş dilde alynyp barylýar. Olardan: Dörtgül, Amuderýa, Hojili, Tahýadaş, Çomanaý, Beruni, Ellikgala raýonlarynda türkmen mekdepleri bar. Diýmek bu her bir millet öz ene dilinde okap öwrenmäge, tälim almaga bolan uly mümkinçilikleriň bir görnüşidir.

Özbegistan Respublikasy Prezidenti Ş.M.Mirziýaýew 2018-ýyl dekabr aýyndaky Ýokary Geňeşe ýüzlenmesinde onuň gelejegi, deňiz boýundaky halkyň sotsiallyk ruhy, medeni durmuşyny ýene-de gowylandyrmak magsadynda aşakdaky ýokary pikirlerini bildirip geçipdi. Halkymyzda: "tälim we terbiýe sallançakdan başlanýar" diýen hikmetli bir söz bar. Diňe ruhylyk ynsany kemala, jemgyýeti ösdürmäge çagyrýar. Şol sewäbli, tälim ugrundaky döwlet syýasaty üzlüksiz tälim sistemasy printsipine esaslanmagy, ýagny tälim bakjadan başlanmagy we bir ömür dowam etmegi gerek." – diýipdi. Bu elbetde, tälim sistemasy ilki bakja, başlangyç synp, mekdep ýaly yzma-yzlykda bolmagy gerek diýen pikr.

2017-2021- ýyllarda Özbegistan Respublikasyny ösdürmegiň ilkinji bäş ugry boýunça "Hereketler strategiýasynyň" kabul edilmegi ýokary okuw jaýlarynyň öňüne başga ýurtlaryň ýokary okuw jaýlary bilen bile işleşmek ylmy we medeni baglanyşlary hem ösdürmek meselesini goýdy. Bu ugurda amala aşyrylýan iň guwanarly, iň ünsli bir meselä siziň ünsüňizi garadaýlyň. Bu Ajinýaz adyndaky Nöküs döwlet pedagogik institutynda Başlangyç tälim we sport terbiýewi işi ugrunda tälimiň türkmen dilinde alyp barylmagy we

şu tälim ugruna talyplaryň kabul edilenligi. Bize mälim bolyşy ýaly 2017 –nji ýyldan bäri, diýerli 2 ýyldan bäri bu ugura türkmen synplaryny bitiren talyplar kabul edilýär. Häzirki günde “mekdebe çenli we başlangyç tälim” fakultetinde 1-2 nji kurslarynda türkmen toparlary bolup, onda jemi 27-sany talyp okasa, olardan dördüsi daşary ýurtda, ýagny Türkmenistan Respublikasyndan gelip tälim alýarlar. Bu elbetde uly üstünligimiziň. Sebäbi Garagalpagystan zemininde garagalpak, özbek, gazak we türkmen milleti wekilleri näçe asyrlardan bäri dogan gardaş, mähriban halklar sypatynda ýaşap gelýärler. Al başlangyç synplara türkmen dilinde, öz ene dilinde sapak ötýän pedagog kadyrlaryň ýetişmezligi bu köpçüligiň dilegi we armany bolup durdy. Bir hatar türkmen synplaryny Garagalpak döwlet ünwersitediniň türkmen filalogiýasyny bitiren ýaşlar okatmagy, pedagog kadrlaryň ýetişmezligi meselesi hemmäniň içindäki aýtjak pikiri, göwnündäki gepleridi. Şeýdip, institutda Başlangyç tälim mugallymyny ýetirip, ýetişdirip taýýarlap berýän ugurda türkmen dili tälim ugruna ýörüte kwota berilmegi bu uly guwançly habar boldy. Şonuň bilen bir hatarda, bugunki günde türkmen synplarynyň sanyny hasaba alyp, başlangyç tälim sistemasynda, umumy ýokary we orta ýörite, bilimlendirmekde, halk bilimlendirmek Ministrligine degişli bir hatar meseleleriň barlygyny belgiläp ötmegimiz orunly.

1. Türkmen dilinde okadylýan başlangyç synplarda sapaklyklaryň sypadynyň görüp çykylmagy:

2. Matematika, ene dilinden türkmençe ýazuw depderleriniň ýoklugy:

3. “Hoş gal elipbiý”, “Haryplyk”, “Täze ýyl baýramy”, 8-matr halkara aýal-gyzlar baýramy, “21-mart Nowruz baýramy”, “9-maý Hatyra güni”, “1-sentýabr –Garaşsyzlyk güni” we ş.m. ýaly belli günleri, terbiýewi çärelerde ötürmek üçin hiç hili goşmaça metodikalyk gollanmalaryň ýoklugy;

4. Türkmen dilinde “suratly elipbiýleriň” umuman ýoklugy.

5. Başlangyç tälim ugrunda türkmen dillik toparlarda türkmen dilinde okadýan kadyrlaryň ýetişmezçiligi we ş.m.

Jemläp aýdanda, tälim sypatyny ýene-de hem gowulandyrmakda şunuň ýaly meseleleriň jogabyny tapmak örän uly ähmiýete eýedir.

Başlangyç synplarda geçirilýän terbiýeçilik iş – çärelerden nusgalar

Garaşsyzlyk netijesinde özlügimizi tanamaga, däp-dessurlarymyzy, hormatlamaga, Watanymyzyň gymmatyny, güýç-kuwwatyny anyk bilmäne, ata-babalarymyzyň taryhyny çuňňur öwrenmäge, esasan çagalarymyzy öz

halkynyň hakyky gahramanlary edip terbiýelemäge giň mümkünçilik ýaradyp berildi. Bu işi synpdan daşary alyp barylýan terbiýe işleriniň, şonuň içinde baýram günlerine bagyşlanan edebi sazlyk kompozitsiýalary alýan orny sewäplidir. Biz bu toplamymyzda diňe uly başly baýram günlerine bagyşlanan edebi sazlyk kompozitsiýalary geçirmegiň nusga meýilnamasyny, ugrukdurdyk. Elbetde mugallymlaryň bu kompozitsiýalary doldurmagyna, täze zatlar bilen baýatmagyna ýa-da ondaky gereksiz diýip hasaplanlaryny alyp taşlap azaltmagyna doly haky bar.

Magsadymyz - nähilli edende-de, okuwçylaryň baýram günlerini gyzykly, şadyýan göwünli ötürmegine az hem bolsa kömek etmek. Eger bu dilegimiz amala aşsa magsadymyzyň doly ýerine ýetirdigmiz bolar. Bu toplam şu ugurdaky ilkinji tejribe synagy bolanlygy üçin, onda azmy-kemmi kemçilikler bolmagy mümkin. Şol sebäpden kemçiliklerimizi görkezip, akyl geňeşlerini, maslahatlaryny beren mugallymlara, terbiýeçilere, ata-enelere, umuman okyjy jemgiýetçiligine çyn göwünden sag bolsunymyzy aýdyp minnetdarçylygymyzy bildirýäris.

## Özbegistan Watanym meniň

(edebi sazly kompozitsiýa)

Synp işine ýa-da akdiw zalyna her dürli görkezme esbablar, kagyzlar gyssyrylan. Onda Watan hakyndaky şahyr-ýazyjylaryň, görnükli alymlaryň, irteki oýçylaryň aýdan danalyk sözleri, halk nakyl-tapmaçalary owadan edilip ýazyp goýulan. “ Nurun saçan gün çykyşdan, Biýgaraz il bagy-bossan, Meniň ilim, meniň ýerim, Özbegistan ,Özbegistan” diýen goşgy hatarlary uzakdan özüňe çekip durýar.

## Salamlaşmak bölümi

Okuwçylar mekdep formasynda. Synpda Özbegistan Respublikasy nyşanlary we kartasy bar. Özbegistan ykdysadiýetine degişli plakatlar.

Güneş deýin nur saçan,
Bilime giň ýol açan.
Bizi erkeläp guçan,
**Hemme:** Sizedir ine şu kelam,
Mugallymlar essalam.
2) Tanadyp ýurt jahana

Erk berip her ynsana
Gaýtdyk din-u iýmana
**Hemme:** dillerde eziz kelam
Garaşsyz ýurt essalam !

Özbegistan Respublikasynyň döwlet senasy ýerine ýetirildi.

1 – **Alypbaryjy:** Ystyklal güneşi nur saçan,
Zamanda çagalyk geşdini sürýän biz bagtyýar nesiller biz.

2 – **Alypbaryjy –** Howwa biz garaşsyz Özbegistan perzentleridiris.

1 – **Alypbaryjy –** Bagtymyza bu günki asuda günleri beren garaşsyzlygymyz daýanjy bolan Ýurtbaşymyz aman bolsun !

2 – **Alypbaryjy-** "Özbegistan Watanym meniň" diýip atlandyrylan baýramymyza hoş geldiňiz!

1- **Alypbaryjy –** çagalar Watan diýende nämäni düşünýärsiňiz?

**1 – okuwçy:** - Watan bu göbek ganymyz daman ýeri.4

**2 - okuwçy:-** Watan bu sallançagymyz, öýümiz, köçämiz, ýaşaýan ýerimiz !

**3 - okuwçy: -** Watan bu mukaddes ene dilimiz !

**4 – okuwçy: -** Watan bu beýik milletimiz !

**5 – okuwçy: -** Watan bu mekdebimiz !

**6 – okuwçy: -** Watan bu ene tebigat hödürlän ähli baýlyklar we nygmatlar !

**2-Alypbaryjy: -** Garaşsyzlyk diýende nämäni düşünýärsiňiz ?

**7 – okuwçy: -** Garaşsyzlyk öz erkiňe eýe bolmak, Watan özümiziňki diýenidir.

**1 – Alypbaryjy: -** Garaşsyzlyk bize nämäni berýär ?

**8 - okuwçy: -** Garaşsyzlyk sebäpli ruhy baýlygymyz diklendi.

**9 – okuwçy: -** Milletimiziň özlügini milli gururuny gorap saklan Faýzulla Hojaýew, Abdulla Kadyry, Çolpan, Fitrat, Usman, Nasyrlar halkymyza gaýtdy.

**10 – okuwçy: -** Dinimiz Kurany Kerim hadysy şerif ýaly ruhy baýlyklarymyz, Nowruz, Haýt, baýramlarymyz däp-dessurlarymyz gadyrýetlerimiz ýene-de halkymyza gaýtdy.

**"Humaý guşum"** aýdymy

**"Meniň Watanym"** goşgusy I-II guplet

Säherler oýanyp,

Bilbil sesine
Bakýan Watanymyň
Belent pesine

Bir ýanym mes kanal
Bir ýanym sähra
Topragymda müňläp
Ir-iýmiş ösýär

Özbegistan Respublikasynyň. **Paýtagty -** Daşkent. Er meýdany **-** 448,9 müň km2 2 **Ilaty –** 35 mln kişi.

**Döwlet dili -** Özbek. **Pul birligi -** Som.

**Geografik ýerleşişi -** Merkezi Aziýadaky döwlet.

**Ykdysady –** Agrar döwlet hasaplanýar. Senagatyň ähli ugurlary bar.

**Özbegistana goňşy döwletler:** Demirgazykda Gazagystan, Günortada Türkmenistan we Owganystan, Günbatarda Gyrgyzystan we Täjigistan. (Kartadan görkezilýä).

Okuwçylar topary Garaşsyz Özbegistan Respublikasynyň we Awtanom Garagalpagystan Respublikasynyň senalaryny aýdýar.

1 – okuwçy: Berdak babam söýüp başdan,
Nowaýydan sowat açan,
Gün çykardan nuryn saçan
Özbegistan, Özbegistan.

2 – okuwçy: Emir Temir sahypkyran,
Il birligin etdi uran,
Gül ýerinde uly Turan,
Özbegistan, Özbegistan.

3 – okuwçy: Ġaraşsyzlygy ele aldyň,
Özgerişler sany ençe,
Dürdäne ýurt haýsy diýse?
Özbegistan, Özbegistan.

4 – okuwçy: Geldi saňa bagt guşy,
Baýdagyň dur göge ýetip,
Biz ýaşaýarys seni söýüp,
Özbegistan, Özbegistan.

5 – okuwçy: Ġaraşsyzlyk ýurdumyz,
Geldi biziň bagtymyz,
Erkin zaman gujagynda,
Ösdi biziň boý-bestimiz.
6 – okuwçy: Özbek, türkmen, garagalpak,
Dübümiz bir  türkler biz.
Bakylyga birleşen biz.
7 – okuwçy: Öz öňüne gara öý tutup,
Ġaraşsyzlyk güni geldi,
Köýüp-ýanyp işlemäge,
Halkym berk bil guşady.
8 – okuwçy: Barlyk dünýä tan alyp dur,
Birleşen Milletler guramasy baýdagyň dur
Beýle ýurtda iş işlemek,
Ýurdy söýmek iýmandandyr.

Mugallym: Hormatly myhmanlar, ata-eneler, mugallymlar, okuçylar. Sizleri Özbegistan Respublikasynyň garaşsyzlyk baýramy bilen çyn ýürekden gutlaýarys. Halkymyz garaşsyzlyk, azatlyk alyp, bagtly durmuş gujagynda gelejek täze jemgiýetimiziň ilkinji gadamlaryny goýdy, täze-täze guruluşlar, zawod – fabrikler gurulyp, täze döwürüň täze jaýlary gurulýar. Baýramyňyz baýramlara ulaşsyn hormatly Watandaşlar !

Bir okuwçy gyz "Özbegistan – gara gözüm özüň sen" aýdymyny aýdýar.

**"Özbegistan- görer gözüm özüň sen."**
**Sözi. J .Qayırbaev,  sazy. K. Áyekeev.**
Nowaýyndan hiç bir şahyr geçmedik,
Ulugbege hiç bir alym ýetmedik.
Myhman gelse bir eglenmän gitmedik,
Özbegistan-gara gözüm özüňsen.

Emir Temir birleşdirdi halkyňy,
Ýer ýüzüne ýaýdy seniň adyňy.
Saklap galdy ata-baba nesliňi,
Özbegistan-garar gözüm özüňsen.

Halal zähmet höküm süren ýurdyňda,
Özgeriş köp, täzelik köp ýeriňde,

Bagt guşy ganat ýaýar gerbiňde,

Özbegistan-gara gözüm özüňsen.

Gelejekde puhta ädim taşlamak,

Ýurt başçymyz mydama öňe süren,

Bizde ene, bala göwnüne,

Özbegista-gara gözüm özüňsen.

Mugallym:Hormatly Watandaşlar. Bizleri gutlamak üçin Rossiýadan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Türkmenistandan, Täjigistandan we Azarbaýjandan myhmanlar gelipdir. Indi şolara söz berýäris.

Rossiýadan gelen ( rusça geýinen okuwçy orta çykýar) myhman:

Hormatly Özbegistanly we Garagalpagystanly raýatlar, okuwçylar. Sizleriň garaşsyzlyk baýramyňyzy rossiýa halky çyn ýürekden gutlaýar we sizlere bagt, işleriňizde üstünlikler dileýär. Men sizlere rus dilinde bir aýdym aýdyp berjek. Mugallym bu aýdymy öň saýlap ýatladyp goýýar. Gerek diýip tapsa aýdym ornuna rusça aýak oýun oýnatmana hem bolýar. (orta gazakça geýinen okuwçy çykýar).

Gazagystandan gelen myhman:

Garaşsyz ýurt Özbegistan,

Gül goýnunda bagy bossan,

Salam ýollap baýramyň,

Gutlaýar Gazagystan.

(Gyrgyzça geýinen gyz gyrgyzça saz çalyp, aýdym aýdyp berýär. Türkmençe geýinen oglan orta çykýar)

Türkmen ili, türkmen dostlar,

Işleriňe mydam goşular,

Gutly bolsun toýlaryňyz,

Orunlansyn oýlaryňyz

Garaşsyzlyk gujagynda,

Ösübersin boýlaryňyz**.**

(Türkmençe saz çalynýar. Türkmençe aýdymy bir oglan aýdýar. Täjikçe geýinen gyz orta çykýar.)

Täjigistandan gelen myhman:

Ġaraşsyzlyk bagytly ýol,

Şonuň üçin berýäris el,

Täze döwran, täze ýeňiş,

Bolybersin ýeňişler mol.

(Täjikçe saz çalynyp, üç-dört gyz täjikçe aýak oýuny oýnaýar. Okuwçylar gaýrat bilen "Su'yemen elimdi", "Ulli bayramim", "O'zbekstan" aýdymlaryny aýdýar.)

**"Súyemen elimdi."**

**Sözi: B. Qaypnazarov.** **Sazy:A. Sultanov.**

Súyemen ósken elimdi,
Súyemen sulıw jerimdi,
Súyemen hadal miynettiń
Batırı bolġan erimdi.

Súyemen awıl, qalamdı,
Aq altınlı dalamdı,
Paxtanıń sheber Ustası,
Ádiwli ata-anamdı.

**"Ullı bayramım"**

**Sözi: J. Aymurzaev.** **Sazy: J. Shamuratov.**

Baxtım ashıldı,
Qıs kúnlerim jaz,
Quwanısh qoynında,
Etemen tawas.

Tabısqa keń boldı,
Tuwılġan jerim,
Gúmiske bólendi,
Shalqıġan kólim.

Birikken tuwısqan,
Bawırman elim,
Elge erik berdi,
Ullı bayramım.

Gaýtalamak: üç-dört okuwçy orta çykýar. Olar gezekleşip goşgy aýdýar.

1- okuwçy: Özbek ýurdy aġam meniň,
Bagt ýolyny başlan günüm,
Giň ýaýran ýaýlam meniň,

Garagalpagystan enemiz sen.
2- okuwçy: Gerbiňde dur humaý guşy,
Depäňde dur bagt guşuň,
Oňa basan her bir işiň,
Özbegistan penamyz sen,
Garagalpagystan enemiz sen.
3-okuwçy: Erkinligi uran etdiň,
Çyn zähmeti gural etdiň,
Azatlyga indi ýetdiň, Garagalpagystan enemiz sen.

Garagalpagystan enemiz sen.

(Mekdebimiziň terbiýe işleri boýunça mekdep direktoruň orunbasary jemleýji sözüni sözleýär. Gelen myhmanlary güller berip çykaryp salýar.)

**"Mugallymym meniň, mugallymym"**

**( edebi sazly kompozitsiýa)**

Synp işine (ýa-da akdiw zala) Mugallym günine gönükdirilen her dürli plakatlar we kagyzlar ildirilen. Olarda uly danalaryň, şahyr-ýazyjylaryň, alymlaryň we görnükli pedagoglaryň ustaz hakynda pikirleri, danalyk sözleri, tälim terbiýä degişli pikirleri, aýdymlardan bölekler, her hili suratlar bar. Gapynyň maňlaýyna owadan edip uly harplar bilen ýazylan "Baýramyňyz gutly bolsun, hormatly eziz mugallymlar" diýen sözler uzakdan göze taşlanýar.

Baýrama hormatly dem almaga çykan mugallymlar, mekdep mugallymlary, şahyr-ýazyjylar, görnükli alymlar, artistler, uruş we zähmet weteranlary, ata-eneler we ş,m çagyrylýar.

Baýram bolanlygy sebäpli stollara gül desseler goýulýar. Mugallym hakyndaky aýdymlar, sazlar ýaňlanyp eşdilýär. Myhmanlary mugallym we okuwçylaryň saýlanyp goýulan jedelli toparynyň agzalary ýyly ýüzlülik bilen göwünli garşy alýar. Hemme belgilenen orunlara oturandan soň, mugallym (ýa-da alypbaryjy okuwçy) köpçüligiň öňüne çykyp, özüniň gutlag sözüni aýdýar.

Mugallym (ýa-da alypbaryjy okuwçy): Hormatly myhmanlar. Eziz mugallymlar. Sizleri Mugallymlar baýramy bilen çyn ýürekden gutlaýarys. Baýramyňyz gutly bolsun, mähriban mugallymlar, tälim-terbiýe beren mugallymlar. Sizlere bagyşlanan baýram agşamyny başlamaga rugsat berseňiz.

**1-gyz:**
Ýaltanmadyk bir minut,
Öwretmekden çaga,
Ylymyň dürli syrlaryn.
Siňdiren ol çaga.

**1-gyz:** Ýylma-ýyl bilim berip,
Çykaran ylym derejesine,
Ýolbaşçy bolup baran,
Onuň talaý diline.

**1-oglan:**
Yşançymy akla diyip,
Garan men ýaly ogluna,
Maslahat berip çykaran,
Durmuşyň aýdyň ýoluna,

**2-oglan:**
Guwançly gözüňden,
Umyt baryn görýäris,
Ynanjymyzy aklaýarys,
Diýip söz berýäris.

**3-oglan:**
Durmuşda gaýta bolsakda,
Baky ýatda gezýäňiz,
Biz işlän her işden.
Goşandyňy görýäňiz.
Hemme goşulup:
Gutly bolsun mugallymym.
Bu günki baýram toýuňyz,
Işiňiz amala aşsyn mydam,
Armanyňyz, oýuňyz.

**1-gyz:** Siz alym bolsaňyz-da, şahyr-ýazyjy bolsaňyz-da, kosmosa uçan kosmanawt bolsaňyz-da, mal bakan çarwa, ýeriň dilini bilip, ekin eken

daýhan bolsaňyz-da kim bolsaňyz-da parhy ýok, Siz ilki bilen mugallym öňünden tälim aldyňyz, okuw-ýazuwy öwrendiňiz, ylym esaslaryny özleşdirdiňiz. Şunuň üçin siziň bilen Biz mugallyma karzdardyrys. Olara tagzym edip baş egýäris. (Saz. Mugallym hakynda aýdym aýdylýar )

Göz öňünde açdy dünýä mugallymym,
Ýollaryma saçdy şöhle mugallymym.
Men çagakam ene kimin aladalanyp,
Ulaltdy ol meniň dana mugallymym.

Şägirtleriň mydam taýýar,
Hyzmatyňa etse sähel.
Yşaratyn mugallymym.

Durmuş gapysyny açan badyňa,
Mugallymyň düşsin seniň ýadyňa.
Alym bolup uly syrlar açanda,
Ganat baglap al asmanda uçanda.

Ýene galam tutdym elime,
Goşgy ýazmama başladym.
Isleglerime baglap,

**Okuwçy oglan.**
Salam aýdar sizlere,
Kadrlar köp bizde,
Galanlaryň adyndan.
Salam diýýäris biz size.
Saz berilýär.
(Üç okuwçy garagalpakça mekdebim goşgusyny aýdýar).

**“Mekdebim”**
**4-okuwçy:**
Mekdebim altın besigim,
Tárbiyalap ósırdiń,
Bawırıńda óstim, nár aldım,
Kamalǵa meni keltirdiń.

**5- okuwçy:**
Esimde meniń dáslepki,
Saǵan qádem basqanım,
Júreksine kewilli,
Qapıńdi kelip ashqanım.
**6- okuwçy:**
Kúlimsirep qarsı aldı,
Jıllı júzli bir adam,
Jańa ómirge baslawshı,
Ustazım eken sol adam.

(Okuwçylar iki topara bölünip tapmaça aýdyşýarlar. Haýsy topar tapmaçany köp aýtsa, şol topar ýeňen hasaplanýar we olara sowgat berilýär. Mugallym orta birnäçe tapmaça taşlaýar. Mugallymlardan, myhmanlardan tapmaçany kim köp tapsa, şoňa sowgat berilýär. Orta iki okuwçy çykýar. Biri tapmaça aýdýar, ikinjisi jogabyny tapýar. Tapmaçany bäşe çenli aýdýar. Al tapyp bilmese ýerinden turup aýdym aýdýar ýa-da aýak oýun oýnap bermegi gerek. Ikinjisi hem ýokardakyny gaýtalaýar. Eger birinji çaga tapmaçany tapsa, tapmaça aýtmany dowam edýär, eger birinji çaga bäş tapmaçany hem tapsa, onda ikinji çaga aýdym ýa-da aýak oýun oýnap bermegi gerek.)

Okuwçy: Gadyrly mugallymlar indi sizlere bagyşlanan aýdymlarymyzy bilelikde goşulup aýdyp berýäris.

**Okuwçylar:**
**Eziz mugallymlar**
Ýene galam tutdym elime,
Goşgy ýazmana başladym.
Isleglerime baglap,
Mugallymymy magtamana başladym.

Halkymyzda bugün baýram,
Eziz mugallymlar güni.
Her bir bilim alan adam,
Hormatlaýar eziz mugallymy.

Hemişe ýadymyzda saklaýarys,
Birinji klas sapaklarymyz.
Elipbini açyp beren bizlere,
Mugallym beren sapaklaryňyz.

Mähriban mugallymyz bar boluň,
Hemişe gülüp ýöriň siz.
Biz ýaşlaryň bagtyna,
Hemişe aman boluň siz.

Her wagty sözlärsiňiz durmuşdan
Bilim berýärsiňiz bize kitapdan.
Bilimleriňizi alan adam,
Hiç gorkmaýar synagdan.

Näçe magtasak-da kem,
Çünki siz barsyňyz bu dünýäde.
Mugallym görmedik adamy,
Hiç kabullamaýar bu älem.

(Sahnalyk görüniş. Mugallym iki ata-ene bilen gepleşip oturýar. Biriniň gyzy gowy okaýan bolanlygy sebäpli ony dynç alyş wagtynda Daşkentdäki çagalar lagerine dem alyp gaýtmak üçin göýbermek islegi bardygyny aýdýar. Ikinjisiniň çagasy pes okaýanlygy bilen durman tertipsizligini aýdyp oňa gaty çäre görmek gerekligini duýdurýär. Muny mugallym öz islegiçe işläp sahnalaşdyrýar.) Mugallym: hany okuwçylar ýaňyltmaç aýdyşaýly. Kim ýalňyşmany bir ýaňyltmaçy üç gezek aýtsa şol ýeňiji bolýar. Eger üç gezekde dogry aýdyp bilmese onda ol ýeňilen hasaplanýar we bu okuwçy bir aýdym aýdyp ýa-da aýak oýuny oýnap berýär. Hany kim aşakdaky ýaňyltmaçy ýalňyşman aýdyp berýär, diýip mugallym ýaňyltmaçlary aýdyp orta taşlaýar. Mugallym öz islegi bilen el göteren okuwçylary turuzup, ýaňyltmaçlary aýtdyrýar. Ýalňyşan okuwçy bir aýdym aýdyp ýa-da aýak oýun oýnap berýär. Bat bilen sahna okuwçylar topary çykyp, “Mugallymdan öwrendim” aýdymyny aýdýarlar.

**1-okuwçy:** Sag bol mugallymym, Mugallymym meniň,
Ösdim, okadym penaňda seniň,

**2- okuwçy:** Sag bol mekdebe baranym üçin.
Elime harplygy alanym üçin.
**Ikisi goşulup:**
Erkelenip gitmedik size köp,
Gadyrly mugallymym uzak ýyl ýaşa
Hemme okuwçy goşulup:
Gadyrly mugallymlar boluň siz aman,
Sizler dursaňyz bolmaýarys ýaman.
Sizler bilimiň esasyn salyp,
Terbiýe berýäňiz, dynmazdan mydam.

(Mekdebimiziň terbiýe işleri boýunça mekdep direktoryň orunbasary jemleýji sözüni sözleýär. Gelen myhmanlary güller berip çykaryp salýar.)

## Täze ýyl baýramy.

**1-alypbaryjy:** Essalamu aleýkum, eziz myhmanlar, mähriban mugallymlar.

**2-alypbaryjy:** Gadyrly ata-eneler, dogan-garyndaşlar (bilelikde) girip gelen täze 2019-njy ýylyňyz gutly bolsun.

**1-alypbaryjy:**

Tebigatdan gyş pasly
Öz hökümini ötürip,
Ayazbaba gündogardan,
Sowuk şemal getirip.

**2-alypbaryjy:**

Girip geldi gyş pasly,
Şemal sowuk gar bilen,
Gutlaýarys sizleri,
Dostlar täze ýyl bilen.

**1-alypbaryjy:**

Minnetdar biz köne ýyl,
Rysk nesibe berdiň,
Üç ýüz altmyş bäş gün,
Biz bilen bile bolduň.

**2-alypbaryjy:**

Kalendarymyz gatyny aşdy,
Täze ýylyň, täze aýy,
Ýene gelip salamlaşdy,
Hormatlymyz aýaz daýy.

**1-alypbaryjy:**

Täze ýylyn şat toýy,
Bolaz onuň deň taýy,
Öwşün atýar ýolkamyz,
Seret sen aýaz daýy,

Täze ýyl baýramymyzy açyp bermek üçin söz nobatyny mekdebimiz direktoryna berýäris.

**2-alypbaryjy:** Indi bolsa hemmämiz bilelikde sahnamyza Aýazbabamyzy çagyrýarys.

Aýaz-ba-ba, Aýaz-ba-ba, Aýaz-ba-ba.

Hakykatdan-da 2018-njy ýyly taryhda galdyryp täze 2019-njy ýyly garşy alýan wagtymyz ýetip geldi.

**1-alypbaryjy:** Indi sahnamyzy gyzdyryp täze ýyl baýramymyzy başlaýarys.

**2-alypbaryjy:** Ine bugün gutarýan 2018-nji köne ýyl hem-de girip gelýän 2019-njy ýyly sahnamyza çagyrýarys.

**1-alypbaryjy:** Olar bizleri gutlajak bolýarlar.

Ýukalandy kalendar,
Patlap düşdi galyň gar,
Aýnalary nagyşlap,
Akja garyn bagyşlap.

Daşda aýaz sygyrýar,
Oýnamaga çagyrýar,

Dazlap çykdyk meýdana,
Meýdanda gar baý känä.

**Täze ýyl:**
Batly gadam uryp,
Gözel diýara,
Hoş geldiň, täze ýyl,
Salam täze ýyl.
Magsatlaryň dönsün,
Mydam ak gara,
Hoş geldiň täze ýyl,
Salam täze ýyl.

Sen gelende şatlyk bilen beslenýäs,
Ýolka bezäp gülip oýnap şatlanýas,
Süýji-süýji arzu bilen beslenýäs,
Hoş geldiň täze ýyl salam täze ýyl.

**2-alypbaryjy:** Ynha jorajan täze ýyl örän ajaýyp baýram! Men bu baýramy örän gowy görýärin, siznä?

**1-alypbaryjy:** Men bu baýrama sabyrsyzlyk bilen garaşdym. Göýä täze ýylda syrly ajaýyp wakalar bolýan ýaly maňa.

**2-alypbaryjy:** Hakykatdan hem täze ýyl dabarasynda hiç garaşylmadyk wakalar bolmagy mümkin.

**1-alypbaryjy:** Beýle bolsa bugün sahnamyzda nähilli garaşylmadyk wakalar bolarka? Geliň muny bilelikde tomaşa edeýliň.

**2-alypbaryjy:** Sahnamyza 8-nji synp okuwçylarynyň baýrama taýýarlap gelen özleriniň sahna görnüşleri we tanyslaryny tomaşa edýäris. **"FOLKLÝOR ÇYKYŞY"** "Läleler"

**1-alypbaryjy:** Sahnamyza 7-nji synp okuwçylarynyň sahnalyk görnüşi **"AŞYK OÝNY"**

**2-alypbaryjy:** Gatnaşyjy okuwçylar baýrama örän gowy taýýarlanypdyrlar.

**1-alypbaryjy:** Jorajan şu gatnaşan okuwçylar bilen bilelikde OÝUN geçireliň.

**2-alypbaryjy:** Gyzykly şert.

**1-alypbaryjy:** 1. Şarly şertler (şaryň içindäki şeritler. Bir aýakda oýnamak. Güjik bolup üýrmek. Limon iýdirmek). 7-8-nji klas arasyndaky ýaryş oýunlary.

**2-alypbaryjy:** Özüňiz gowy görýän aktiyor ýa-da aktrisaňyzyň rolyny görkezip beriň. 9-njy synp okwçylarynyň ýerine ýetirmeginde.

**1-alypbaryjy:** Gözi ýumylan halda oglanlar gyzlary oýuna çagyrýar. 6-njy klas okuwçylary.

**2-alypbaryjy:** Ýaňyltmaç aýtmak. 4-nji klas okuwçylary arasynda.
Çaryň çep çekgesinden çekirtge çakdy,
Çary çatmadan çyrlap çykdy.
Ol tekjede bäş ar,
Bu tekjede daş bar.
Mäşleşseň mäşleşek,
Daşlaşsaň daşlaşak.

**1-alypbaryjy:** Nakyl we matallar ýerine ýetirýär. 5-nji klas okuwçylary:
Ir turan işinden dynar.
Bugünki işiňi ertire goýma.
Altyn-kümüşiň könesi bolmaz,
Ata-enäniň bahasy bolmaz.
Atany gün bilseň, Enäni aý bil.

**Matallar.**
Yhlas etdim ak ýere,
Ekdim gögerdi gara.
Iberdim her bir ýere,

Özün etdi äşgäre.
**(hat)**
Diwarda bar zor halym,
Onda ýaşar giň älem.

**(Karta)**

Gezer suwda,
Ýaşar suwda.
Bütin ömri,
Öter suwda,
Aýagy ýok,
Gollary bar,
Teňňeleri-pullary bar,
Çümer gider,
Golaý gelseň,
Jigim onuň,
Adyny bil sen.
**(balyk)**

2-Alypbaryjy: Watan hakynda goşgy ýerine ýetirýär 4-nji klas okuwçylary:
Men Watanyň balasy.
Men Watanyň balasy,
Gaýgysyz gamsyz ösýän.
Şatuduň depesinde,
Gurçyga çybyk kesýän.

Islendik kitabymy,
Elmydam okap bilýän.
Edil gelnejem ýaly,
Hem haly dokap bilýän.

Ejeme ot ýygyşýan,
Ejeme süýt sagyşýan.
Bagymyzda bägülden,
Täze çemen boguşýan.

Mawy asman meniňki,
Mawy umman meniňki.
Bütin barlyk gözellik,
Gözel zaman meniňki.

**1-alypbaryjy: "Folklor çykyş, "GÜŞDEPDI"** ýerine ýetirýär 9-njy klas okuwçylary.

**2-alypbaryjy:** Indi söz nobatyny mekdep direktory orun basaryna gutlag sözüni berýäris.

**1-alypbaryjy:** Täze ýyl baýramymyz ahyrlap barýar.

**2-alypbaryjy:** Dogry bugünki baýram gutarýar, ýöne ýurdymyzda täze ýyl baýramy häli heniz dowam edýär.

**1-alypbaryjy:**
Täze ýyl gel mähriban töre geç
Tämizligiň bilen, aklyň bilen
Ýaňy dünýä inen çagaňky deý.
Kalby bir kimirsiz päkligiň bilen!

**2-alypbaryjy:**
Gowy arzulardan doly kalbymyz,
Biz size bagş edýäris şularyň baryn,
Garaşsyz ülkämde bügün dabara,
Dost dogan bezeýär öýleriň törün.

**1-alypbaryjy:** Täze ýylyňyz gutly mübärek bolsun!

**2-alypbaryjy:** TÄZE ÝYLDA iň gowy arzuw niýetleriňiz amala aşsyn!

**1-alypbaryjy:** TÄZE ÝYLDA täze umyt we dilegler sizlere ýar bolsun.

**2-alypbaryjy:** Goý siziň maşgalaňyzdan agzybirlik, bagt hiçwagt terk etmesin.

## Harplyk baýramy

**Sowathanlyk baýramy senarisi:**

Aýdym sazlar bilen okuwçylar ellerinde güller we şarlar bilen baýramçylyk bezegleri bilen bezedilen zala girip gelýärler. **Gimni ýaňlanýar.**

**Mugallym:**Eziz ata-eneler,bugün eýjejik çagalaryňyz üçin bir ömre ýatda galýan, gysga wagt içinde alan bilimlerini synagdan geçirýän ajaýyp baýram.Harplyk baýramyna hoş geldiňiz!

Kakaňmy ejeňmi,
Eliňden tutup,
Ak mekdebiňize,
Geldiň sen ýetip.

Girdiň synpa,
Açdyň sen kitap,
Sanlyja günde,
Başladyň okap.

**Alypbaryjy:** Salaw-maleýkim mähriban mugallymlar, hormatly ata-eneler, gadry belent baba we mamalar! Ine bugün eýjejik çagalarymyzyň harplyk baýramyna ýygnalyp durys.Harplyk baýramyna hoş geldiňiz! Harplyk baýramymyzy açyp bermek üçin söz nobaty mekdep direktoryna berýäris:

**Alypbaryjy:** Eziz okuwçylar! Siz garaşsyz Özbegistanyň görer gözi gelejegisiz, gowy günlerden habar beriji ýaş göwün ilçisisiz. Garaşsyz watanymyz sizden köp zatlary garaşyp galýar.Watany söýüň we oňa mynasyp perzent boluň!

**Alypbaryjy:** Watan hakynda goşgy ýerine ýetirýär Leýla, Daýanç, Ýulduz

Ýaşa sen azat Watan,
Äleme meşhur Watan.
Gazandyň garaşsyzlyk.
Indi döwran sür Watan.
Äleme meşhur Watan.
Ýaşa sen azat Watan,
Zähmet bilen gujagyň,

Boldy çemen gül Watan.
Äleme meşhur Watan.
Ýaşa sen azat Watan,
Biz çagalaryň bagtyna,
Mydam şeýdip dur Watan.
**Alypbaryjy:**
Bu baýram sebäbkäri
Bilimler çeşmesi
Manyly şirin sözi
Hany harplyk özi.
Çagalar jem bolup:
Harplykjan gel indi,
Alkyşlaýarys gulak sal.
Haryplykjan gel indi.
**Sahna harplyk girip gelýär**
Özimdaky bar harpy,
Öwretdim ýekän-ýekän,
Hany kiçijik dostum,
Ýalňyşmany sanarmykaň?

**Çagalar:** Sahnamyza hoş geldiň harplykjan!

**"A a"harpy Bahar**
Andijanym ak şäher,
Aýa güne taý şäher.
Ajaplyga baý şäher,

**"B b" harpy Daýanç**
Begenýärdi Batyrjan,
Balyk tutan mahaly.
Berekella diýmesek,
Basym geler gahary.

**"Ç ç" harpy Gözel**
Çemenzarly Watanym,
Çeşme dagly owadan.

Çöli bakjaly bagly,
Çenden aşa owadan.

**“D d” harpy Batyr**
Düýedabany ýygyp,
Düýelere berdim men.
Doganym hem begenip,
Diýdi maldar bolduň sen.

**“E e” harpy Maýsa**
Ejemjanym mähriban,
Ezizdir maňa çenden.
Ezizleýär ol meni,
Ejemjan doýman senden.

**“Ä” harpy Murat**
Äşejik
Äýnek aldy,
Bäşim
Käse –çäýnek aldy.

**“F f” harpy Aýgül**
Fudbol topyn,
Farhat deper.
Derwezeçi,
Furman gapar.

**“G g” harpy Dessan**
Gyş geçdi,
Güneş gyzar.
Gül gawuna,
Gämik gazar.

**“H h” harpy Çemen**
Hurma haly dokady,
Halkymyza wasp edip.
Hesel eje öwretdi,
Hünärini kesp edip.

**“I i” harpy Umyt**
Illi  bilen Ilmurat,
Ikiligi aldylar.
Ikisi hem tijenip,
Indi ökde boldular.
**“J j” harpy Jemile**
Jahanjygyň ketekde,
Jüýjeleri çykypdyr.
Jürkildeşip jüýjeler,
Jamyň suwyn dökipdir.

**“Ž ž” harpy Röwşen**
**Ž**urnalardan gördim men,
Žyrafanyň suratyn.
Ženýa joram synlady,
Žyrafanyň suratyn

**“K k” harpy Aýnur**
Kakam köke getirdi,
Kökeleri iýdik biz.
Kakamyň sowgadyna,
Köp-köp sag bol diýdik biz.

**“L l” harpy Parahat**
Lagly merjen dakynyp,
Leýli gyzyň jigisi.
Läle kakýar şatlanyp,
Laçyn Leýli ikisi.

**“M m” harpy Çynar**
Mawy asman gijeler,
Mahmal ýazylan ýaly.
Mäkäm synlasaň eger,
Misli bir gözel haly.

**“N n” harpy Magsad**
Nogul nabat seçiler,
Nazaryň diş toýynda.
Naz nygmatlar mol bolar,
Nazarlaryň öýinde.

**“Ň ň” harpy Gülnur**
Gaňňa sözin ýazdyrsam,
Daňatarjan kyn gördi.
Töňňe sözin ýaz diýsem,
Iki sözi kän gördi.

**“O o” harpy Didar**
Oba şäher kendimiz,
Owadan eziz diýar.
Owadan Watanymyz,
Ogul gyzy saýraýar.

**“Ö ö” harpy Gülşat**
Öwezlerde ördek bardy,
Öwelegim ördek aldy.
Öwelege berjek bolup,
Öwez dostlaryn çagyrdy.

**“P p” harpy Begmurat**
Pagta ýygýar,
Perman penje.
Pagta ýurdyň,
Baýlyk genji.

**“R r” harpy Ýulduz**
Rehnet nury ýagyp dur,
Rahat biziň ilimiz.
Ruhybelent halkymyz,
Röwşen indi ýolumyz.

**“S s” harpy Atajan**
Synla dostum bahar pasly,
Seleňleýän daglarmyzy.

Seýran edip wasp edip,
Salkyn saýa baglarymyzy.

**“Ş ş” harpy Güljemal**
Şöhratly beýik halkym,
Şadyýandyr illerim.
Şirin-Şirin wasp edip,
Şat saýraýar dillerim.

**“T t” harpy Tirkeş**
Towuklara iýim berdi,
Tawus irden turanda.
Taryplady enesi,
Tawusjygy görende.

**“U u” harpy Humaý**
Ukudan oýanmady,
Uzuk atly ýalta gyz.
Utandyrdy ulular,
Uýaldy oýandy tiz.

**“Ü ü” harp Diýar**
Üzüm güljik işeňňir,
Ümzügi öňe baka.
Üm bilen aýdaýsaňam
Üme düşer şol bada.

**“W w” harpy Jahan**
Watan sözün ýazdylar,
Wepa, Weýis Gülnahal.
Wah men ony ýazjakdym,
Wellem ýazdy şol mahal

**“Y y” harpy Yhlas**
Ynam edip özüme,
Yhlas bilen okadym.
Ynam etdi hemmeler,
Ylym aldym bekedim.

**"Ý ý" harpy Jeren**
Ýyldyz kimin, aý kimin,
Ýalkym saçýar Watanym.
Ýüz müň ýyllar ýaşasyn
Ýürek isläp ýetenim.

**"Z z" harpy Tahyr**
Zemzem gördüler çölde,
Zeýnep, Zöhre öwelek.
Zemzem gaçdy bat bilen,
Zöhre gitdi kowalap.

**Alypbaryjy: 1-**"a" klass okuwçylary "Şalgam"erteginiň gahrymanlarnyň obrazlarny ýerine ýetirýärler.

**Alypbaryjy:** 1-"a" klass okuwçylary mugallym hakynda goşgy ýerine ýetirýär.

**Jennet:** Eý hormatly mugallym, her göwnüňde mähir bar,
Her öýde,her şäherde seniň syrly dünýäň bar.
Eken miweleriň hasyly hiç gutarmas,
Dünýäde seniň ýaly halys ynsan tapylmaz.

**Diýar:**
Hormat-yzzat görseň, mugallym bilen,
Ilde meşhur bolsaň, mugallym bilen.
Belentlere ýetseň mugallym bilen,
Ömüriňde gerek bolan ynsan ol.

**Alypbaryjy:** 1"a" klass okuwçylary Horezm tansyny ýerine ýetirýärler

**Alypbaryjy:** Çagalar kim bolsam eken diýip hemişe kimedir höwes bilen garaýar. Kimdir lukman bolýan diýse, kimdir kakasy ýaly mugallym, bolmagy arzuw edýärler.Okuwçylarymyzyň arzuwlary çäksizdir.

Kespler goşga aýlandy
Elipbiýe jaýlandy.

**Daýanç:**
Bolsammykam agronom,
Örän ýaňlanýar bu kär.
Ösdirerdim pahta,
Butada däl agaçda.

**Serdar:**
Ýa bolsammy boýakçy,
Onuň işine pugta.
Boýalan wagt hana,
Gözelleşýär ýene.

**Gözel:**
Ýa bolsammy hünärment
Bu işde köp hikmet bar.
Aýdyň hany kim,
Kätmene ýasar desse.

**Çynar:**
Ýa bolsammy lukman,
Dert bar ýerde şypa bar.
Hemme geler men tarap,
Diýip ýagdaýym ýaman.

**Alypbaryjy: Okuwçylar harplyk kitaby bilen hoşlaşýarlar.**
Halypamyz jan "Harplyk",
Seni eziz görýäris.
Otuz sany harpyň bar,
Barysyny bilýäris.
"Harplyk" senden öwrenip,
Batly urýan ädimi.
Ähli harpy öwrenip,
Ýazyp bilýän adymy.

**"Harplyk"**
Berekella çagalar,
Ödediňiz tamamy.
Şat gülkiňiz doldursyn,
Bu Garaşsyz diýary.

**Alypbaryjy: Ene dili kitaby girip gelýär.**
**Okuwçylar:**
Hoş gördük "Ene dili"
Görki bol toýumyzyň.

Öwrenmäge bilmäge,
Hemmämiz taýýar biziň.

**“Ene dili”**
Öwrederin bar zadym,
Okap alyň bilimi.
Bolup sowatly adam,
Guwandyryň ilimi.

Goşgy, erteki, hekaýa,
Zat kän mende okara.
Berkje guşa biliňi,
Guwandyryň ilimi.

**Alypbaryjy: Tapmaça, Nakyllary ýerine ýetirýär 1-nji“a” klass okuwçylary.**

**Serdar:** okadym diýme bildim diý.
**Jemile:**Köp ýaşan bilmez, köp okan biler.
**Röwşen:** Gatlak-gatlak gatlama
Her gaty bir ýatlama (Kitap)
**Gülnaz:** Özi bir garyş,
Dili müň garyş (Galam)
**Alypbaryjy: Ene hakynda goşgy**
**Çemen:**
Her säher sypap başym,
Çykyp gidende işe.
“Eje basym gel” diýip,
Garaşýan men hemişe.
Diýar:
Aý gün dursun dünýäde,
Ejem dursun dünýäde.
Ejeleri agladýan,
Uruş gursyn dünýäde.
**“Ene dili”**

Berekella, çagalar. Siz tamamy ödediňiz “Harplyk”kitabyndan örän köp zat öwrenipsiňiz.

**Alypbaryjy: Tans ýerne ýetirýär oglanlar topary “Lezginka”**

**Alypbaryjy:** Eziz çagalar! Geçip barýan Ýylda siz 1- klasa gadam goýup

sowat çykardyňyz.Prezidentimiz 2019 –nji ýyly nähili atlandyrdy.

**Okuwçylar:**

**Alypbaryjy:** Eziz okuwçylar ýakynda nähili baýram belleýärs?

**Okuwçylar:** Täze ýyl baýramy

**Alypbaryjy:** Täze ýyl nämesi bilen gözel

**Okuwçylar:** Ýolkasy, aýazbabasy, sowgady bilen.

**Alypbaryjy:** Sizleri gutlamaka üçin uzak ýerlerden Aýazbaba myhmançylyga geldi.

Geliň hany hemmämiz Aýazbabany çagyrýarys.

**Okuwçylar:** Aýaz-ba-ba, Aýaz-ba-ba Aýaz-ba-ba.

**Aýazbaba girip geldi.**

**Alypbaryjy:**Salam, Aýazbaba sahnamyza hoş geldiňiz!

**1-Klass gyzlar oýny "Ak gar".**

**Alypbaryjy: Aýazbaba** okuwçylar gyş, ýolka hakynda goşgy aýdýarlar.

**Alypbaryjy: 1-Klass "Wals" ogul- gyzlary gatnaşmagynda "gar" aýdymyna.**

**Alypbaryjy:** Baýramy tamamlap hemmäni tansa çagyrýar.

## 8-Mart Aýal-gyzlar baýramy

Kimdir sowal berdi:Aýdyň sen Muhammet ýalňyz sen rehimsiň bütin älemde, kime köp ýagşylyk edeýin özüň aýt ata-enememi ýa-da ogyl-gyzyma?

Resul jogap berdi: Diňle sen, geplerimi, mümkinçilik berilse dünýäde eger, iň öňi bilen eneňe ýagşylyk et. Bu hekaýa sözüni oýladym uzak eneden doguldym pygamberler hem.

**Goşgy:**

Soranmyş bir wagyt aý güne bakyp,
Dünýäniň görki nä aýdyp bersene.
Gün hem aýdanmyş nuryny seçip,
Dünýäniň bar görki enedir, ene.

Soranmyş bir wagyt ýer suwa bakyp,
Dünýäniň görki nä aýdyp bersene.
Suw hem aýdanmyş şywyrdap akyp,
Dünýäniň bar görki enedir ene.

Soranmyş bir gulan ata bakyp,
Dünýäniň görki nä aýdyp bersene.

At hem diýenmiş jülgeler söküp,
Dünýäniň bar görki enedir ene.

Soranmyş bir ene şahyra bakyp,
Dünýäniň görki nä aýdyp bersene.
Şahyr hem diýenmiş dyzyna çöküp,
Dünýäniň bar görki enedir ene.

Älemi nurlandyran zat bu enedir. Ene eziz we mähriban ynsan. Enelerimiz hakda rowaýatlar, hekaýalar näçe asyrlar aşyp şol uly ynsanlar sypatynda saklanyp gelýär. Ene beýik ynsan. Ene özünde gözzeligi, wepadarlygy görkezýän ynsandyr. Dünýä getirip tä kemala gelýänçäk öz zähmetlerini siňdirýärler.

Eneler hakyny diriliginde berjaý etmek gerek. Ölenden soň gabyr daşyny goýdyrandan ne hajat.

Käbir perzendler enelerine dik garap hatda el götermägede barýarlar. Enäniň karzyndan hiç wagt gutylyp bolmaýar. Şu orunda bir rowaýat getirmekçidiris.

Bir ýigit enesini göterip arkalap Mekge-Medinä alyp barypdyr:

**Sahna görnüşi "Ene we balanyň Mekke Medinä barmagy"** (Garry geýmindaky okuwçy enesini arkalap sahnanyň bir çetindaky gara daş görnüşi suratlanan Mekke we Medine düşünjesine berýän daşyň ýanyna getirip ýuwaşlyk bilen arkasyndan düşürýär.

Enesi" Ýadamadyňmy balam!

Balasy, Ýok ýadamadym ýöne suwsadym diýdi. Bala asmana garap elin uzadyp"

-----Eý lla,  men indi enemiň karzyndan gutyldymmy?

-----Sen eneň bir gije kesel bolup bir gezek beren ak süýdi hakyndan indi gutyldyň,- diýip Alladan bir ses gelipdir. Howa beýik zat ene gadyryny ene bolanda bilýärsiň diýenleri hakykat eken.

Saňa eziz mähriban ak süýt beren enedir.
Ýatsaň, tursaň saýaban, perwanaň şu enedir.
Gowy ýaman güniňde, maňlaýyndan söýegçi
Halyň görip, balam diýip, guwanýan hem enedir.

**ENEME DIÝIP**

Hatar-hatar öý saldym, toýlar etdim.
Elwan-elwan kimleredir güller ýygdym,
Ýetişýärin häli wagyt boler diýdim,
Nämeler etdim, ýalňyz eneme diýip.

Jan bolmadym jandarlar duýanynda
Jigerimiň dagly bilen köýeninde
Ejiz boldym ajal ony söýýeninde
Näme etdim ýalňyz eneme diýip

**Sahnalyk görnüş:** Eneleri gadyrlaýan, olaryň nurany, dynyk güler ýüzlerini şekillendirýän ajaýyp, dessanlar hem köpdir.

**Güneşden soraşypdyr:**

Seniň yssylygyndan başgada yssylyk barmy?

Bar---jogap berdi Gün—ene mähri meniň nurymdan hem güýçliräk.

**Alymdan sorpdyrlar:** Saňa deň gelýän güýç barmy? Bar-diýipdir alym-ene mähri meniň hem çekindirýär.

Howwa ene mähri daşy eredýär, gahary dagy tidredýär derýany tolkunlandyrýar. Gün – yssylygyny, aý nuryny, durmuş gözzeligini eneden alan.

Tebigat güllerniň ysy, durmyş gözzeliginden, ynsanylyk, adamkärçilik, ynsan akyl-düşünjesini hemme-hemmesini ene mährindendir.

**NOWRUZ BAHAR BAÝRAMY**

Esasy gatnaşyjylar.
Baharaý-gyz.
Nowruzjan-ýigit.
Deýhan baba-ýigit.
Garry tal deregi-ýigit.

Gülçi-gyz.

Lälehan-gyz.

Durnahan-gyz.

Leýlekbaý-ýigit.

Garlawaç-gyz.

Dürli epizotlarda:

Gyşy alyp gidip barýan gargalar-çaga we gyz.

Sahna baýramyna laýyk edip bezedilýär.

Diwallara her hili güller suraty çyzylýar. Nowruza degişli goşgylar görünýän ýerlere ýazyp goýulýar. Sahnamyzyň ýokarsyna bahar guşlary bolan durna, garlawaç, leýlek, bilbil, şeklinde kagyz oýunjaklar gysdyrylýar. Myhmanlar jaýlaşýançalar bahar paslyny ýatladýan aýdym ( mysaly " Bahar gelse elwan-elwan açylsa güller" aýdymy). Ýaňlanyp durýar.

Alypbaryjy sypatynda sahna baharaý şeklinde bir gyz girip gelýär. Ol uzyn gülli köýnek geýip, başyna gülçemen dakan. Elini gursagyna goýýança eňilip salam berýär.

Baharaý:- Salawmaleýkim eziz myhmanlar! Sizleri Nowruz baýramy bilen çyn ýüregimden gutlaýaryn rysgal-döwlet alyp gelsin. Hemmäňize uzak ömür, bagt we hemişe amanlyk dileýärin.

Bahar geldi ýaz geldi.

Durna geldi, gaz geldi,

Ýap-ýaşyl çarbaglardan

Bilbil owazy geldi.

-Ozaldan Nowruz baýramynda dürli görnüşde ýaryşlar geçirilýänligi mälim. "Iň gowy Nowruz tagamlaryny taýýarlamak", "Iň gowy keşdeçi", "Nowruz teswirini çyzan iň gowy suratçy", we başgalar. Bu baýram mynasybet bilen göreş, arkan tarytmak, el güýjini synamak, ylgamak, şahmat-şaşka, daş götermek, we başga sport görnüşleri boýunça hem ýaryşlar geçirilen. Biz hem şu güni ýeňijilerimizi gutlaýarys.

Hany myhmanlar, sizleri Nowruz palowymyza çagyrýarys.

Myahmanlar saçakdaky her dürli tagamlardan, Nowruz köjeden datýarlar. Milli geýim geýen mugallym ýa-da okuwçy Nowruz köjesi gelenlere guýup berip durýar.

Köje guýujy:

Arpa, bugdaý salanym.

Ýene saldym galanyn,

Kim bolsaňda çalt ýet,
Biz taraplara gelip ýet,
Nawruz köje tagamyn dat.
Gelip alda doýup ýat.

Öke-kine bolmasyn,
Ýamanlar hiç oňmasyn,
Ýagşylaryň her işin,
Alla tala gollasyn.
Yrys bilen nesibe.
Aýrylmasyn öýüňden,
Aýrylmasyn hudaýym,
Guwançly günüňden,
Nowruz köje mol bolsun,
Her bir öýde toý bolsun,
Aman bolsun il halkyň,
Dilegimiz şol bolsun.

Baharaý: -Gyzlar gülli ýalyk orar,
Özlerini göz-göz edip.
Zemin täze köýnek geýip,
Gelse Nowruz, bolsa Nowruz.
Dilber gyzlar, jorajanlar.
Erkin ganat ýazyň hemişe.
Hor ülkäme gutly eýýam,
Gelse Nowruz, bolsa Nowruz.

Indi sahnamyza iň eziz myhman Nowruzjany çagyrýarys. Hemmämiz “Essalam Nowruz “! Sahnamyza hoş geldiňiz diýýäris. Hany başladyk bir, iki, üç hemme hor owazda:

-Essalam Nowruz! Sahnamyza hoş geldiňiz !

Sahna biýkesi: (ýa başga matadan tikilen) don we kellesini taýha geýen Nowruz görnüşindäki ýigit elini gursagyna goýup girip gelýär.

Nowruzjan-adamlareý, adamlar.
Bagda piten badamlar,
Dilden gyş gamy gitdi.

Hemme Nowruza ýetdi.
Gopuzlary çalalyň,
Bu baýram sahnamyzda,
Hemmäňiz alyň lezzet.

Älemi dürli güllere gurşap gelen bahar eýýamy gutly bolsyn! Bu bahar ýönekeýje pasyl däl belki, her bir ynsan ömrüniň bahary. Men hemme ýüzlerde baharyň girip gelenini görip duryn!

Baharaý – Nowruzjan, seniň gelişiň hemişe ýeňin çermäp işe girişýän we bu güni – zähmet baýramy  sypatynda belleýän gowy ynsanlary bilýärmiň?

Nowruzjan: - Iň birinjisi – Daýhan babam –da! Ine özleri sahna gelýärler!

Baharaý we Nowruzjan hor bolyşyp:

Essalamu aleykum, baba daýhanym!
Sahylygy çäksiz nurly bossanym!
Zähmet baýramy diýip saçdyňmy şöhle?
Saňa tagzymda-dyr jümle jahanym!

Sahna daýhan geýmindaky ýigit kätmen (ýada başga iş gurallyny) göterip girýär we elini gursagyna goýan myhmanlara salam berýär.

Daýhan baba: - Künde haýdar dynym bilmän,
Daýhan bilen goşa öküz,
Nesibämiz bütin bolar,
Allam özüň goragyn.

Şeýle ezizlerim, Nowruz baýramy gadym baýramdyr.

Bu gün kim näme niýet eden bolsa, elbetde ýetişýär. Uly we kiçiniň niýetlerine gulak salsak: <<daýhançylyga bereket bersin>> diýip Alladan soraýarlar. Hemmäniň rysgaly-nesibesi şol daýhançylygyň arkasyn-dan.

Baharaý- Daýhançylyk diňe ynsanlar, belki,guşlar, jandarlar üçin hem rysgy-nesibesidir. Eý, asmanda guşlar uçyp gelýär, ur-ra!

Nowruzjan- Guşlar bilen bile güller hem öwüsip gelýär! Indi hakyky baýram başlandy, ur-ra.

Baharaý- Olar bahar ilçileri hasaplanylýar! Her ýyly şu zemine ine şu ýurda rysgal bereket alyp gelýär! Hany-hany sahnamyza hoş geldiňiz!

Bahar paslyny ýatladýan aýdym sazlary astynda özüne mahsus lybaslaryndaky Gülçigyz, Lälehan, Leýlekbaý, Durnahan, Garlawaç, sahna girip gelýär.

Baharaý: - Hoş geldiňiz myhmanlar!
Men üçin eziz janlar!
Myhmanlar hor owazda:
Minnetdar saňa bahar!
Hemme bolsyn saňa ýar!

Gülçigyz: - Baharaýym, baharaý!
Ýüzleri örän gözel!
Ýurda sen gelen çagda-
Älem gözellige baý!
Men hem seniň ilçiňmen,

Lälehan: - Men lälemen lälemen!
Bir gözel gyz bolýaryn,
Gözelligme şeýda bolup!
Men  bilen ýaşarar dünýä,
Dag-meýdanlarda läleler,
Görip guwanar, çagalar!

Leýlekbaý: - Ganat kakdym, ýurt gezdim,
Gökde köp zat gördim.
Özi bolup bir jahan,
Gülledi – Özbegistan!
Nowruz bilen bilelikde.
Biziň dostlugymyza,
Hemme eder höwes.
Adamlaryň öýünde,
In gurmakdyr adetym.
Ynsanlaryň bagtyna,
Meniň hem sadatym.

Baharaý: - Köpi gören garry baba,
Hany sözle babajan,
Nähili baýramdyr Nowruz?
Bilip alýarys sözsiz!
Baharaý: - Bilenler üçin sözlemek, başgalara bolsa diňlemek gowy, Şeýlemi Leýlekbaý?

Leýlekbaý: - Bilmedigini sorap öwrenen - alym!
Dana babamyz näme diýerkän?

Agaç baba – Howwa, Nowruz baýramy taryhyndan sözläýinmi? Bu ajaýyp dünýäde biz garry agaçlar köp zada guwa. Howwa, men aýdybersem gep köp. Bilýärsiňiz Nurly-güneş diýeni. Şu sözden gelip çykan Şamsiýa ýyly güneşiň ýyllyk hereketine garap belgilnen, 21- martda gün we gije deň bolýanyny bilýärsiňiz. Ata-babalarymyz bu güni täze ýyl baýramy sypatynda belläp geçýärler. Dogrymy daýhan baba?

Daýhan baba: - Berekella size, agaç baba! Şu ýerde ýaşap geçen alymlardan köp eserler miras galan. Abu Raýhan Beruniý, Abu Ali Ibn Sina, Abulkasim Firdawsiý,

Omar Heýýam, Mirza Ulugbek, Mir Alişer Nowaiý, Zahiriddin Muhammad Babyr ýaly beýik Ata-babalarymyzyň ölmez ýitmez eserlerinde Nowruz baýramy hakynda dana pikirler beýan edilen. Şahyrlar dilinde, halk agzeki döredijiliginde bu baýram aýratyn taryplanýar.

Agaç baba! – Omar Haýýam “Nowruznama” eserinde ýazymagyna görä, Nowruzy şadyýanlyk bilen baýram etse, ýyl boýy durmyşy şatlyk we asudalykda geçýän eken.

Gülçi gyz! – Ösümlikler bilen dilleşen Abu Ali Ibn Sinanyň ýazmagyna görä, Nowruz wagtynda ynsan gurlyşynda gan normasynda aýlanyp, ýylgyryşlary ýene-de gözelleşýär. Nowruz tagamlaryndan dadan her bir ynsan sagdyn bolyp ýörýän eken.

Baharaý: - Abu Ali ibn Sina sömelegi sowadyp iýmeklerini teklip eden.

Lälehan: - Abu Reýhan Beruný baba hem Nowruz baýramy bilen bagly köpläp hikmetli pikirleri ýazan. Şol daňda kimde-kim süýji zatlardan datsa, ýyl boýy onuň ömri şirin geçýärmiş. Kimde kim üç çemçe bal iýse, köp kesellige dowa taparmyş.

Durnahan: - Alyşir Nowaý babanyň hem gowy dileglerini ýada salyň:
Her gijäň gadyry belent,
Her güniň bolsyn Nowruz.
Agaç baba: - Munyň manysy şudyr, her bir gijäniň gadyr gijesidek

haýyrly, asuda ötsin. Her bir güniň täze gün bolsyn. Nowruz baýaramynda bildirilýän şu dilegler amala aşsyn, eziz çagalarym!

Nowruzjan! –Birinji Prezidentimiz I.A. Karimow her ýyly baýramda bizi hormatlap, dil sözlerini aýdanlarynda göýä dünýä nurly bolan ýaly bolýar. Hatda babadag ýaşyl donyn geýip, gursagynda elwan güller ýal-ýal parlaýar! Şol wagtynda biliň, bu zemine Nowruz gelipdir! Tebigat baýramy jemgyýet şadyýanasyna aýlanýar! Sömelek we başga tagamlar pişirilýär. Saçaklara gök somsa we başga bahar tagamlary bereket getirýär.

Garlawaç: - Meniň indi kim bilýär?

Agaç baba: - Bilbil, garga, hekek we başga guşlara mekan. Sen näme üçindir görünmeýän garlawaç?

Garlawaç: - Adamlar bilen bile ýaşamagymyzyň taryhy uzyn, şeýlemi Deýhan baba?

Deýhan baba: - Elbetde, garlawaçym! Hany bu hakda dostlaryňa aýdyp berýäňmi?

Garlawaç: - Aýt, diseňiz aýdyberýän. Gadymda ata-babalarymyz ynsanlara ýagşylyk edip, ýylan bilen göreşen. Şol wagtdan bäri biz üçin adamlaryň öýleri, eýwanlarynda hin gurmak ädet bolan. Bile ýaşap, biz olardaky ajaýyp häsiýetlerini görýäris. Nowruz baýramynda bir-birlerine mähriban bolup galýarlar. Nuranylary zyýarat edip, keseller halyndan habar alýarlar! Biz hem adamlar guwanjyna şärikdiris. Şu günlerde sömelegiň ajaýyp ysy başymyzy aýlaýardy. Sizlere “Sömelek” goşgusyny aýdyp bereými? Wijir-wijir.....

Durnahan: - Ur-ra goşgy eşidýäris!

Lälehan: - hany başla ezizim!

Garlawaç: - Gyzlar saçy buýraja,
Eli gül zor melek.
Kepgiri aýlandyrar,
Daş gazanda sömele.
Odun ýygnady babam,
Bugdaý ösdürdi babam.
Sömelek seýli bu gün,
Şadyýan biz bu gün!

Gülçigyz: - Meniň hem goşgy aýdasym geldi.

Nowruzjan: - Baş üstüne aýdyber!

Gülçigyz: - Göze sürtip mamalar,
Diýýärler "bolsun" amanlyk!

Gülçigyzy görenler
Görmegin ýamanlyk

Durnahan:- Gülçigyz senden bir zat sorasam bolýarmy?

Gülçigyz: - Baş üstüne.

Gülçigyz: - Maýçeçek ejekem bolýar. Ikimizem mamalarymyz saglyk-amanlyk üçin gözlerine sürtýärler ýöne ejekemem bahar gelmesine howlugyp gökleme çykýar.

Durnahan: - Bolýa bu tarapyny aýtmasaň hem düşünükli.

Agaç baba: - Gepleriň örän dogry,

Gülçigyzym: - Seni göze sürtip amanlyk-saglyk edişleri örän ýakýar.

Gülçigyz:- Siziň şahalaryňyzdan bolsa gyzlar kellesine gülçemen dakynýarlar.

Şonda örän dünýäm giňeýär!

Durnahan:- Gülçigyz aýdan gep zemininde bir zor hikmet bar. Adam zadyň soňy Parahatjylyk söýer ynsanlar örän köp. Gynansakda dünýäniň bu ýerde nähillidir uryş ody peýda bolanyny belent asmandan görüp duryp seredende gynanýarys.

Aklly ynsanlar Nowruz ýaraşanlary görüp göwnüm ynjalýar.

Lälehan:- Biri-birinden öýkeläp ýören ynsanlar hem Nowruzda ýaraşyp alýanlar eken-ä?

Daýhan abab: - Özbek halkynyň ajaýyp nakyly bar: "Bir kun janjal bolgan joydan, Qiriq kun Baraka qochadi". Dile azar beren ynsanlar öýkesini Nowruzda unudýar.

Lälehan:- Şol wagty çemenzarymyzdan güller ýygyp, biri-birilerine hödürlänlerini görsem, ýene-de guwanyp gidýän.

Şol wagty gamgyn aýdym sesi eşdilýär. Hemme ynjalyksyz daş-töwerege bakýar.

Baharaý: - Näme üçündir bedenim dyryşýar, waý olar kim boldyka?

Hemme heýran sahnaň bir tarapyna geçdiler. Gagyldap ganat kakyp iki garga girip gelýär.

Gargalar hor owazda:

Biz gargamyz, gargamyz, gak- gak,
Göwnimizi edeýli çag – çag.
Bu ýyl gyşda ýagdy gar dag – dag,
Tebigatda galmady birar dag!

Agaç baba gülüp goyberdi: - Eý bular hem köne gadyrdanlarym – a! Gyşdan habar berip gelýän guşlara hem şahalarym mekan. Hoş alaganatlar siz bilen hoşlaşan ýalydyk.....

Gyz garga: - Agaç babajan agaç baba!

Diliňizde bal, baba!
Şirin sözleriňizden,
Hemme serhoş, lal, baba!
Bagryňyzdan berip jaý,
Eden işleriňiz gözel!
Belki gyşda gelende,
Tanyşarys, haýno –haý!

Oglan garga: - Bilip arka gaýdyşymyz sebäbi bar.

Agaç baba: - Hawa-hawa?

Oglan garga:- Ýagtylygyň gadryna ýetmek üçin garaňky gijäni ýatlap durmak bolar, diýipdiňiz, dogrymy, Agaç baba?

Agaç baba: - Elbetde. Hawa, bu gepi häzir ýatlamak şeritmi, Gargabaý?

Oglan garga: - Sowuk ülkelere uçip gidip arka gaýtsak, söhbetleşýärsiňiz. Gulagymyza eşdili; Nowruz hakynda ekeni.

Agaç baba: - Hawa siz bir gep aýtjak bolýarsyňyzmy?

Gyz garga: - haýsy ýyly Nowruz baýaramyny belgilenenini gadagan edilenini görüpdik. Şol wagtlarda hemme jaýa diňe gyzyl baýdak dakylardy. Özbegistan garaşsyz diýen gepler gulagymyza çalynandy Nowruz uly şadyýanlyga aýlandy. Bu günleriň gadyryna ýetmek gerek!..

Agaç baba: - Bir aýdym gulagyma çalynypdy. Hah, sözleri nähilidi? Ha-a, ýatladym: " Gamgynlygyňy çykar göwnüňden, şadyýan günleri ýatlaly diňe!" Geçmişdäki kyn-günler geçip gidýär. Ol hakda köp ýatlamak şert däl. Ýagşylykdan sözleseň, ýagşylyk bagy gögerýär. Her ýyly erte göklemde göklemzarlaşdyrmak aýlygy geçirilýär. Meniň hem şahalarymdan alyp, köp jaýlara ekýärler.

Garlawaç: - Gadymdan bu ýurt adamlarynda ajaýyp dessur bar; maşgalada erkek oglan dogulsa, şoňa bagyşlap keminde on bäş- ýigrmi düýp agaç ekilýär. Şol erkek oglan ulalýança agaçlar göge boý çozýar. Garapsyňyz, onuň imaratyna ýeterli agaç taýýar bolýar-da!

Nowruzjan: - Agaçy köp ýurt- baý bolýar!

Leýlekbaý: - Guşlara gowy jaý bolýar!

Durnahan: - Barlyk hem owadan bolýar!

Oglan garga: - Dogry-dogry, gak-gak...

Gyz garga (ýoldaşyny dürtip):
Heý boldy, gagyldaberme, ýene gar ýagamasyn...

Oglan garga: - Onda ýolumyzda rowan bolýarysmy?

Gyz garga: - Hany sowuk ülkelere gideli, gak-gak, (ganatlaryny) hoş dostlarym, güýzde görüşýänçäk aman boluň, gak-gak-gak.....

Agaç baba: - Ýoluňyz ak bolsyn. Altyn güýzde görüşýänçäk hoş, eziz guşlarym.

Durnahan: - Agaç baba, bagryňyzyň giňligine kaýyl!

Agaç baba: - Bu guşlaryň güýz pasly ganat kakyp gelmegini görseňiz diliňiz ýaýraýar. Gyşyň, gary, täze ýyl baýramyny ýatladýar. Şol wagtda sowuk howa gelsin, ýöne hiç hem sowuk gep gelmesin, diýýärin!..

Durnahan: - Ganat kaksak, kur-e, kur-e, Nowruz geler, ur-e, ur-e! Asmanlarda ganat kakyp, ýerdäki köp işlere şaýat biz. Bir hikmeti gowy tapyp aýdylan eken: "Hikmet yzarlana hikmet bu dünýä!" Hikmetler hazynasyna baý bolan Özbegistanda Nowruz özüne mahsus häsiýetde belgilenýär.

Sahna arkasyndan saz, aýdym eşdilip, hemme tansa düşýär.

Baýrama dürli aýdymçylar teklip edilmegi we olaryň aýdyşynda Nowruzy ýatladýan aýdym-sazlar aýdylýar.

Baharaý bilen Nowruzjan bilelikde sahnany alyp barýarlar.

Baýrama gelen myhmanlara gutlag üçin söz berilýär.

Sahnada aýdym we tanslar reňbe-reň çykyş üçin desstur aşakdaky ýaly düzülişi hem mümkin.

Baharaý: - Bu zeminde dostluk hemişe hormatlanylan ardaklanan. Bu gün hem dürli millet wekilleri nowruz baýramyny bizler bilen bilelikde nyşanlamak üçin gelenleri bizleri örän begendirýär şonuň bilen birlikde sahnamyza şatlyk getirýär dur.

Nowruzjan: - Hoş geldiňiz.

Olar sahna çetine geçýärler. Çeper desstur dowam edýär.

1. Gazak lybasynda oglan dutar çalýar çykýar we aýdym aýdýar.

2. Täjik milli lybasdaky gyz küýze göterip "Aya duxtor shumo tannozi xushroy", "Pomir gyzy" atly aýdym-sazalara tansa düşýär.

3. Tatarça saz çalynyp, şol millet lybasynda ýigit we gyz tansa düşýär.

4. Azarbeýjan saz çalynyp, şol millet lybasyndaky ýigit we gyz tansa düşýär.

5. Gyrgyz lybasynda gyz gopuz çalyp berýär.

6. Rus lybasyndaky ýigit we gyz rusça walisa düşýär.

7. "Ýelpesse" we başga türkmençe aýdyma don we uzyn köýnekde, doldyrma telpek geýip ýigit-gyzlar tansa düşýär.

8. Hind haly bar gyz hintçe lybas geýip tansa düşýär.

9. Inglis, nemis we başga halklaryň aýdymlaryndan hem çykyşlar görkezilýär, sahnaň görküne ýene-de görük goşýar.

Soňra bular sahnada hatar gurap, dürli dillerde Nowruz baýramy bilen gutlaýar.

Durnahan (Leýlegi dürtip): - Leýlekbaý, gara, biziň mawy asmanda çägara ýok!..

Leýlekbaý: - Şu ülkedäki çägaralary nähili güýç nurlandyrýany bilýärsiňizmi?

Garlawaç: - Men bilýärin, Men bilýärin! Mysal üçin, gün hemmä deň! Aý hem gije çägara garamazdan nur saçýar! Bahar hem barlygyny hemme bilen bir deň görýär! Nowruz baýramyny bu gün bütin dünýä belläp geçýär.

Agaç baba: - Bu gepleriň örän dogry, Garlawajym! Durnahan başga bir ylahy güýç-gudrat hakynda aýdasy gelýär.

Agaç baba: - Bu – hemme halklar, milletler we obalar ortasyndaky baky dostlyk! Bu dostlyk çägara bilmeýär. Özbegistan dünýä bilen birdemlikdedir! Bu jennetmekan ýurt adamlary üçin dünýä gapylary açyk. Serediň, bu gün sahnamyza myhmana gelen dürli lybasdaky ýigit-gyzlar göwnümizi örän şat etdiler.

Baharaý: - Geliň bilelikde tansa düşýäris!

Agaç baba: - Näçe atlandyrsaňyz meni-agaç baba,
Tansa owadan düşer-agaç baba!
Dünýäde hemmäňiz oýnap-gülüň siz,
Bagtymyza mydama aman boluň siz!

Daýhan baba, Nowruzjan, Baharaý, guşlar we güller hor boluşyp:
-Sahnamyza geliň, gülip-ýaýnaýarys,
Hemişe baýramda bile şatlanýarys!
Bagt bahary gülsin biziň jahanda,
Nowruz baky bolsun-Özbegistanda!

“Lezgi”, “Andijan polkasy” ýaly aýdym-sazlar aýdyp hemme bilelikde tansa düşýär.

Sahna ýapylýar. "Nowruz haçan peýda bolan?" diýen sorag hemmämizi gyzyklandyrýanlygy aýdyň görünýär.

Nowruz öňki Horezm ýerinde birinji gezek belgilenendigini alymlarymyz deliläpdirler.

Nowruz -Täze gün, täze ýylyň başlanmagy diýen söz.

Ähli öňki iller Nowruzy täze ýylyň girip gelmegi sypatynda giň garşy alyp, guwançly, ýokary ruhda baýramlan. Her hili tagamlar, sömelek, nowruz köje we ş, m. Tagamlar bişirilen, adamlar bir-birini Nowruz baýramy bilen gutlan, Nowruz güni "As ko'beysin, qoy-janliqta bas ko'beysin, Ulis on' bolsin, Aq mol bolsin, qayda barsan' jol bolin" diýip biri-birine pata beren.

**9-Maý "Hatyra we gadyrlamak" gününe bagyşlap geçirilýän**

"Hatyra eziz-gadyr mukaddes" atly baýramçylyk senariýsi.

Terbiýeçi: Biziň parahat ýaşamagymyz üçin hem-de ýurdymyz garaşsyzlygy üçin göreşen we şu ýolda janyny bagyşlan ynsanlary hormat bilen dile alýarys. Olaryň hatyrasyny ebediýleşdirmek üçin bütin respublikamyzda şol sebäpli paýtagtymyz Nöküsde hem baglar we hyýabanlar guruldy.

Şular ýaly ziýarat jaýlaryndan biri Garaşsyzlyk meýdanynda jaýlaşan. Meýdan töründe hasratly ene heýkeli jaýlaşan. Watan goragy üçin perzentlerini urşa göýberen enelerimiz belgisi bolan bu heýkel uryşda gurban bolan müňläp enelerimizi ýatladýar.

1- çaga Paýtagtymyzda şular ýaly meýdançalardan ýene biri " Şehitler hiýabany"dyr.

2- çaga: Bu ýerde ýurdymyz azatlygy üçin göreşen ata-babalarymyzyň ady ýazylan belgili gubyry bar.

(Okuwçylar ene ýurt, watan belgileri hakynda goşgylar aýdýarlar).

1- çaga: Sen meniň babamsyň-Hatyra!

2- çaga: Sen meniň mamamsyň-Gadyr!

3- çaga: Bu gadym ýollar.... Hatyra!

4- çaga: Bu gadym ýollar.... Gadyr!

5- Çaga: Hatyra-göwnümiň daglary.

6- Çaga: Gadyr-göwün söýen derek.

Hemme çagalar: Men hem bir nowçaň men, Gadyr.

Terbiýeçi:

Hatyra-bu geçmiş kitabyň,

Tozyp galan sahypasy.

Dikläp bilseň ýogalan babyny,

Dynyklaşar pikriň çyragy.

(“Hesretli ene” sahna görnüşi).

“Hesretli ene) görnüşinde bir okuwçy gatyp otyrýar.

Enenäniň töwereginde iki tarapynda garawullar durýar.

Gülçemenler göteren iki okuwçy goşgy bilen assa ýöräp gelip, gülçemenleri goýýarlar we goşgulary aýdýarlar. Ýene goşgy bilen çykyp gidýärler.

1- çaga: 1937-1939 ýyllar...

Terbiýeçi: Özbegistanda şol ýyllary çeşmelerinde aýdylyşy ýaly 43 müňden gowrak adam gamaga alyndy. Olaryň 6 müň 920 sany atyp taşlandy. 37 müň sanysy bolsa gamak we sürgin edildi.

(gadyrly babamyz hakynda sahnalyk görnüş)

Alypbaryjy: Kadyryny sorag edýärler.

Derňewçi: (Gahara münip): - “Öten günler” diýen goşgy seniňkimi?

Kadyry: Hawa emma ol goşgy däl...

Derňewçi: Dymyň, goşgymy ýa başgamy awtory siz-da!

Alypbaryjy:

Tamam başga gepe orun ýok.

Derňewçi-pygamber, derňewçi-hudaý.

Demir zatdan gelen buýruk,

Özbek ýene bir oglundan jyda...

(Gaýgyly goşgy ýaňlanýar. Sahna okuwçylar çykyp babalarymyz atlaryna bagyşlap goşgylar aýdýarlar).

Terbiýeçi:

Ýatar batyr gerçekler hatar.

Usmanlar Kadyrylar Şakirlar ýatar,

Ýattar Faýzyllalar ýatar Ahmetler,

Hudaý rehim etgil hudaý rahmetler.

(1-minut dymma saklanýar).

Garaşsyzlyk sebäbli pydaýlarynyň eziz we teberik atlary ýene gaýtadan diklenýär. Esasysy, Ýurt başçymyzyň 2001-nji ýyl 1-nji maýdäki permanyna görä 31-nji awgust “Katogon kurbonlarini yot etiş kuni” diýp yglan edilişi hem olara bolan çäksiz hormatdyr.

(Okuwçylar terbiýeçiniň özi ýazan “Ýatlaýary” atly goşgular aýdýarlar).

Watanymyz goýnunda bizler bagytly ýaşlar biz.

Şehitleriň gubry bar yzlaryndan barýas biz,

Ruhlaryny edip biz ýat watan üçin okap biz,

Başlarymyz egýäris ruhlaryny şat edýäris.

Terbiýeçi: “41-nji ýyl, iýun...” goşgysyny okap berýär. (goşgy okalanda okuwçylar goşgy mazmunyna laýyk hereket edip görkezip durýarlar).

1- çaga: Garyp 4-ýyl dowam eden ganly uryş, ynsaniýet başyna örän köp gaýgylar saldy. Uryş ýyllary bir ýarym milliýon ildeşlerimiz uryşlarda gatnaşdylar.

2- çaga: 450 müňden zyýat mert ýigitler azatlyk asuda durmyş üçin ganly uryşlarda heläk boldylar.

3- çaga: Uryşda ýetim galan 200 müňden artyk çagalary özbek halky öz terbiýesine aldy. Gapur Gulamyň goşgysy: “ Sen ýetim däl” okalýar.

4- çaga: Daşgentli Şaähmet Şamahmudow we Bahrinysa eneler maşgalasy 14 sany ýetim çagalary öz garamagyna alyp bar mährini ynsanlar hatyrasyna azim şähermiziň “Halyklar dostlugy” meýdançasynda ýädigärlikler ornadyldy we bizleri hemişe parahatçylygyň gadyrna ýetmäne, ýurdymyza mynasyp perzent bolmaga çagyrýar.

(Çagalar “Hatyra” atly goşgy aýdylýar).

1- çaga: Gelejegi beýik ýurdymyzyň mynasyp perzentleri bolaýly onuň serhetlerde hiç haçan ok owazy eşdilmesin!

2- çaga:

Ýer ýüzündäki agalar.

Şeýle haýşt, bardyr sizlere:

“Çykarmaň ýarag! Akmasyn ganlar!

Kitap oýynjak beriň bizlere”.

Terbiýeçi: Frontdan aman gaýdan, front arkasynda öz zähmetleri bilen ýeňişi goşant goşan ýurtdaşlarymyz, uryş gatnaşyjylary bu güni hormatda. Meniň atam hem uryşda front içinde gatnaşan. Bir näçe medal we orden alan. Ol häzir aramyzda ýok. Ýakyn ýyllarda amanatyny tabşyrdy.

Alypbaryjy: 9-Maý Hatyra we gadyrlamak güni.

Paýtagtymyz merkezindäki garaşsyzlyk meýdançasynda uryşlardan gaýtmadyk esger perzendlerini intizar garaşýan eneler hormatyna guýulan ýadygärliklar bar..

Ondaky ene heýkeli göýä: “Sen meniň kalbymdasyň, jigerim!” diýýän

ýaly.

Heýkel ýanyndaky ýanyp duran ot enäniň umyt çyrasyny ýagtylandyryp duran ýaly. Bu ýagdaý zyýarata gelenleriň kalbyny lerzana salýar.

Geçenleri ýatlap olardan nusga alsak, özümizden soňky nesillerimize nusga bolyp bilýäris.

**25-may Soňky jaň**

Guwanyç: Essalaowa aleýkim, gadyrly mugallymlar, hormatly işçi aga-doganla!

Begenç: Essalawa aleýkim, bu günki " Soňky jaň " baýrama gelen eziz ata-eneler, gadyrly mekdebimiz okuwçylary.

Guwanç: Elimden geldiginçe aýlap tarypyn,
Uçrymlarmyzyň edip hormatyn
Çagyrmana berýärsiňiz rugsat
El çarpyp duryň mekdep ýaşlary.

Begenç: Bu günki soňky jaň baýramymyzyň esasy sebäpgärleri 9-njy synp uçyrym okuwçylaryny garşyalaýly.

(AÝDYM BILEN UÇYRYMLAR GIRIP GELÝÄRLER)

Soňky jaň!

1- alypbaryjy: Essalaowa aleýkim, eziz mugallymlar, gadyrly myhmanlar, mekdepdeşler.

Bu gün uçyrymlar üçin iň tolgyndyryjy hem-de şatlykly gün.

2- Alypbaryjy: Hazynam sen, tahtym özüňsiň
Deňi ýok bahtym özüňsiň
Ýer ýüziniň jenneti sensiň
Ýaradanyň sungaty sensiň
Jennetbagym hasratdagymsyň
Mähribanym sen, sejdegähim sen
Sen enesiň, mukadess Watan
Ýeketäksen, mukadess Watan

1- alypbaryjy: Biz Özbegistan diýip atlanýan jennetmekan ýurt perzendiliginden buýsanýarys. Guwançly günimizde ýaňlanýan gimimiz

biziň buýsanjymyzdyr.

Özbegistan Respublikasynyň gimini aýdylýar.

1- alypbaryjy: Bu günki soňky jaň baýramyny açyp bermek üçin mekdep direktoryny söz nobatyna çagyrýarys.

2- alypbaryjy: Biz uly Özbegistanyň şadyýan nesilleri biz. Biziň bu durmyşda arzuwlarymyz, gözleýän maksadymyz etmeli işlerimiz örän köp, ýöne, iň beýik iň mukaddes wezipämiz halkymyz gelejegini göz garaçygymyz ýaly goramak, onuň howupsyzlygyny saklamak.

Watan hakynda goşgy:

Säherler oýanyp,
Bilbil sesine,
Bakýan Watanymyň
Belent-pesine.
Bir ýanym mes kanal,
Bir ýanym sährа,
Topragymda müňläp
Ir-iýmiş ösýär.

alypbaryjy: Bugün ýüregimizde söýgi, guwanç bilen ýanyňyzda duran ýaly bilimli babalarymyz-mamamlarymyzyň "Ömür akýan derýa" diýilişi ýaly hikmetleri ýene bir gezek ýada alýarys.

1- alypbaryjy: Hawa garrylarymyzyň her bir sözi hikmet ömür ýollarymyzda görýäris. Prezidentimiziň 2015-ýyly "Ýaşulylary hormatlamak" ýyly diýip atlandyrmaklary ýöne ýere däl.

1- alypbaryjy: Garrylaryň döwürler synagyndan geçen sözleri dana nakyllaryna aýlanyp gitmegi hiç kim syr däl.

2- alypbaryjy: "Ustaz ataň dek uly" diýýärler. Durmyşda gowy ustazdan tälim almagyň özi bagtdyr.

Mugallym hakynda goşgy:

Her gün ertir ir bilen
Ak mekdebe barýan men
Garşylaýar mugallym
Oňa salam berýän men

Mugallymlarymyzyň gözleri hemişe söýgüden parlap dursyn. Biz,

şägirtler sizleri hemişe gözümiziň garaçygy ýaly ezizläp goraýarys.

Sagbolyň size mugallymylar,
Sesleneber sen soňky jaň.
Aýdym (Mekdep hakynda)
Okuwçylaryň arzuwlary hakynda goşgylar

1- alypbaryjy: Eziz Mugallymlar, Sizler biz üçin iň gadyrly, iň eziz ynsansyňyz. Şonuň üçin ýüregimiziň töründäki päk arzuwlarmyz hakynda aýdasymyz gelýär.

1. Baýramymyz köp bolar
Ustazlar bolsam uly
Lukman ýada alym
Men bolýaryn elbetde.
2. Geýim-gejimler hem köp bolar
Sanap bolmaýar hatda
Mugallym ýada zor bankir
Men bolýaryn elbetde
Mekdepler saz, zor bolar
Kompiýuter, ýumşak parta
Ustaz, uly telekeçi
Men bolýaryn elbetde

Ustaz, bolsam söwdägär
Elim bolmaýar kelte
Toýyňyzda hyzmatda
Men bolýaryn elbetde

Aýlaň doga, ustazlar
Ýaşaýly döredeýli
Özbegistan şohratyn
Dünýä tanydaýly

(9- "A" synp sahna görnüşi)

Ata-enelere söz berilýär

Naminatsiýalar berilýär:
Iň çalasyn

Iň jogapgärçilikli
Iň döredijі
Iň zähmetkeş
Iň tertibli
Iň ukyçy
Iň köp sapak galdyran
Iň bigam

Iň bahanaçy
Iň gygyrowyk

Synp ýolbaşçylaryna söz

Aýdym (eý klasdaş)

Okuwçylar sahnadan çykyp gidýärler.

Direktor tarapyndan sylaglamak

Sahna görnüşi

Uçyrymlara girip gelýär
"Hoş dostlarym" aýdymy

Uçyrymlar dabaraly söz berýärler:

Mekdebimiziň özine laýyk mahsus-dessury bar. Häzir mugallymlar, ata-eneler arasynda biz uçyrymlar dabaraly söz berýärler.

a) Mekdebimiz abraýyny götermäge
b) Mugallymlar nesihatlaryny, beren bilimlerini aklamaga
c) Garaşsyz Watanymyza mynasyp perzent bolmaga
d) Watana wepaly bolmaga dabaraly görnüşde söz berýäris.

## Peýdalanan edebiýatlar:

1. Mirziyoev Sh.M Qonun ustuvorligi va inson manfaatlarini táminlash yurt taraqqiyoti va xalq farovonligi garovi. T "Ózbekiston" 7-dekabr 2016-yil Ózbekiston Respublikasi Konstitutsiyasi qabul qilinganniń 24 yilligiga bağishlangan tantanali marosimidagi máruzasi.

2. Ózbekiston Respublikasining Konstitutsiyasi. T.: Ózbekiston 1992-45b.

3. Ózbekiston Respublikasi qonuni: "Tálim tóğrisida" Barkamol avlod – Ózbekiston taraqqiyotining poydevori.T.: Sharq 1997-65b.

4. R.A.Mavlonova, B.Normurodova "Tarbiyaviy ishlar metodikasi". Oquv qollanma. Toshkent, "FAN" 2008y.

5. Mavlonova R.A, Tóraev O.T., Hasanboyeva O., Xolikberdiyev K.M- "Pedagogika" T.: " Óqituvchi" 2001y.

6. Xasanboyeva O. Tarbiyaviy ishlarni tashkil qilish metodikasi. Respublika oquv metodik markazi.-Toshkent,1996-86b.

7. Safo Ochil. Mustaqillik mánaviyati va tarbiya asoslari.T.: Oqituvchi 1997-256b.

## Elektron tälim resurslary:

9.Ózbekiston Respublikasi Xalq tálimi Axborot tálim portali http://www.eduportal.óz/

10.Ózbekiston Respublikasi Xalq tálim vázirligi http://ózedu.óz

11.Ózbekiston Respublikasi qonun xujjatlari málumotlari milliy bazasi http:// lex.óz

**Mazmuny:**

Giriş.......... **3**

Özbegistan watanym meniň.......... **5**

Täze ýyl baýramy.......... **16**

Harplyk baýramy.......... **22**

8-nji Mart aýal-gyzlar baýramy.......... **31**

Nowruz baýramy.......... **33**

9-nji maý Hatyra we gadyrlamak güni.......... **45**

25-nji maý Soňky jaň baýramy.......... **48**

Düzüjiler:

**Şynnazarowa Saodat Juwathanowna** - Ajiniýaz adyndaky NDPI, Garagalpak dili kafedrasi dotsendi, filologiýa ylymlarynyň kandidaty.

# GARAGALPAGYSTANDAKY TÄLIM TÜRKMEN DILINDÄKI BAŞLAGYÇ KLASSLARY ÜÇIN TERBIÝELIK ÇÄRELER

**(Okuw-metodikalik gollanma)**

Baş redaktor – K. Koshanov
Teh. redaktor - H. Şamuratowa
Korrektor – Z. Baltabaeva
Operator. – N Nysanbaýew

**Ajiniýaz adyndaky NDPI Redaksiýa basma bölümi.**
**Ajiniýaz adyndaky NDPI basma hanasynda neşir edilen 2020-ýyl.**
**Buýrtma №0158. Nusgasy 50 däne. Formaty 64x84. Ululygy 3,4 basma.**
**230105. Nöküs şäheri P.Seýtow köçesi nomersiz jaý. Reestr № 11-3084**